#108 (130)
среда, 18 января 2023 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



2023-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine döwlet durmuşyna degişli möhüm meseleler girizildi hem-de käbir resminamalaryň taslamalaryna garaldy.

Ilki bilen, Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa söz berildi. Ol döwletimiziň kanunçylyk-hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Häzirki wagtda ykdysady işiň hukuk esaslaryny, şeýle hem döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň beýleki ugurlaryny berkitmäge ýardam edýän kanunlar işlenip taýýarlanylýar we hereket edýän hukuk namalary kämilleşdirilýär. Şu ýylyň 11-nji ýanwarynda Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň döwlet gurluşyny, hukuk ulgamyny, şonuň esasynda kanun çykaryjy edarasynyň işini yzygiderli kämilleşdirmek maksady bilen geçirilen Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň we Mejlisiniň bilelikdäki maslahatynda türkmen döwletiniň hem-de jemgyýetiniň durmuşyny mundan beýläk-de demokratiýalaşdyrmaga gönükdirilen çözgütler kabul edildi. Ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri, şeýle hem syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri kabul edilen çözgütleri ýerine ýetirmek üçin degişli çäreleri görýärler.

Şeýle hem şu ýyl Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny geçirmäge taýýarlyk görülýär.

Mejlisiň deputatlary köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyş edip, kabul edilen kanunlaryň many-mazmunyny halkymyza düşündirýärler, öz saýlaw okruglarynda ýerleşýän edara-kärhanalarda, zähmet toparlarynda, okuw mekdeplerinde 2023-nji ýylyň şygaryny, ýurdumyzda amala aşyrylýan ösüş-özgertmeleriň, gazanylýan üstünlikleriň taryhy ähmiýetini wagyz etmäge bagyşlanan duşuşyklary geçirýärler.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygynyň orunbasary K.Babaýew ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Bellenilişi ýaly, 11-nji ýanwarda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň we Mejlisiniň bilelikdäki maslahaty geçirildi. Maslahatyň barşynda oňa gatnaşanlar halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasyny — Türkmenistanyň Halk Maslahatyny döretmek, şeýle hem Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň işini bes etmek we ony bir palatadan ybarat bolan Türkmenistanyň Mejlisine öwürmek baradaky teklibi biragyzdan goldadylar.

Hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda, şu ýylyň 21-nji ýanwarynda paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde jemgyýetçilik wekilleriniň gatnaşmagynda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň we Mejlisiniň bilelikdäki maslahaty geçiriler. Häzirki wagtda ýurdumyzyň Hökümeti, ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen bilelikde bu çäräni ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar.

Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän oňyn daşary syýasat babatda aýdylyp, döwlet Baştutanymyzyň şu ýylyň 5-6-njy ýanwarynda Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyran döwlet saparynyň, Milli Geňeşiň wekilleriniň Hökümet wekiliýetiniň düzüminde HHR-de döwletara çärelere, dostlukly ýurduň parlamentarileri bilen duşuşyklara gatnaşmagynyň ähmiýeti bellenildi.

Halk Maslahatynyň Başlygynyň orunbasary parlamentara gatnaşyklary we parlament diplomatiýasyny işjeňleşdirmek meselesi barada durup geçip, şu ýylyň 8 — 10-njy ýanwary aralygynda Milli Geňeşiň wekiliýetiniň Türkiýe Respublikasynyň Antalýa şäherinde geçirilen Aziýa Parlament Assambleýasynyň 13-nji plenar mejlisine, şeýle hem onuň çäklerinde guralan çärelere gatnaşandygyny habar berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň durmuşynda möhüm waka öwrüljek Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň we Mejlisiniň bilelikdäki maslahatyny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek üçin ähli tagallalary etmegiň zerurdygyna ünsi çekdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow gözegçilik edýän ulgamlarynda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyndan" we 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujetinden ugur alnyp, ýurdumyzyň makroykdysady durnuklylygyny, ykdysady kuwwatyny berkitmek, jemi içerki önümiň ösüş depginini durnukly saklamak, milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny we sebitleri kadaly hem-de toplumlaýyn ösdürmek boýunça degişli işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, milli ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlarynyň durnukly ösüşini üpjün etmek boýunça möhüm meselelere ünsi çekdi hem-de maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrmak, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak boýunça bellenen çäreleri öz wagtynda amala aşyrmagyň wajypdygyny belledi we bu babatda wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow harytlyk gazyň ätiýaçlyk gorlaryny üpjün etmek maksady bilen, ýurdumyzda gaz saklamak üçin niýetlenen ýerasty desgalary gurmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Türkmenistanda şeýle taslamany ilkinji gezek durmuşa geçirmegiň meýilleşdirilýändigini nazara alyp, bu işi halkara tejribä laýyklykda ýola goýmak we alyp barmak, onuň tehniki-ykdysady esaslandyrmasyny taýýarlamak, taslamalaşdyrmak, enjamlaşdyrmak hem-de gurmak babatda halkara maslahatçy kompaniýalary işe çekmek meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, gaz serişdelerini rejeli we netijeli ulanmagyň wajypdygyna ünsi çekip, bu ugurda ygtybarly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça çäreleri görmegiň zerurdygyny nygtady.

Mejlisiň dowamynda wise-premýer "Türkmennebit" döwlet konserniniň Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň öndürýän nebit önümleriniň görnüşlerini artdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hem hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümiň — B-92 kysymly awiabenziniň öndürilip başlanandygy baradaky hoş habar aýdyldy. Bellenilişi ýaly, Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy hem-de Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezi tarapyndan bilelikde önümiň bu görnüşini öndürmek boýunça tehniki şertler işlenip taýýarlanyldy we degişli işler ýerine ýetirildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, bu möhüm ugurda geçirilýän işleriň wajypdygyny belledi hem-de milli ykdysadyýetimiziň esasy pudaklarynyň biri hökmünde ýangyç-energetika toplumyny hemmetaraplaýyn ösdürmegiň zerurdygyny nygtady.

Mejlisiň dowamynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow wezipe borçlaryny talabalaýyk ýerine ýetirmän, işde goýberen düýpli kemçilikleri üçin, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow berk käýinç yglan etdi hem-de ýol berlen kemçilikler gysga wagtyň içinde düzedilmese, eýeleýän wezipesinden boşadyljakdygyny duýdurdy.

Şeýle hem wezipe borçlaryny talabalaýyk ýerine ýetirmän, işde goýberen düýpli kemçilikleri üçin, Döwlet ministri — "Türkmengaz" döwlet konserniniň başlygy B.Amanowa berk käýinç yglan edildi hem-de ýol berlen kemçilikler gysga wagtyň içinde düzedilmese, eýeleýän wezipesinden boşadyljakdygy duýduryldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow gözegçilik edýän düzümlerindäki işleriň ýagdaýy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, gurluşyk, energetika, senagat toplumynyň kuwwatlyklaryny artdyrmak hem-de täze tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça degişli işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, milli ykdysadyýetimizi hemmetaraplaýyn ösdürmekde ýurdumyzyň senagat we gurluşyk toplumynyň ähmiýetine ünsi çekdi hem-de pudaklaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmagyň, mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmagyň möhümdigini belläp, wise-premýere bu ugurda alnyp barylýan işleriň barşyna gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Mejlisiň dowamynda döwlet Baştutanymyz wezipe borçlaryny talabalaýyk ýerine ýetirmän, işde goýberen düýpli kemçilikleri üçin, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekowa berk käýinç yglan etdi hem-de ýol berlen kemçilikler gysga wagtyň içinde düzedilmese, eýeleýän wezipesinden boşadyljakdygyny duýdurdy. Şeýle hem wezipe borçlaryny talabalaýyk ýerine ýetirmän, işde goýberen düýpli kemçilikleri üçin "Türkmenhimiýa" döwlet konserniniň başlygy N.Nyýazlyýewe berk käýinç yglan edildi hem-de ýol berlen kemçilikler gysga wagtyň içinde düzedilmese, eýeleýän wezipesinden boşadyljakdygy duýduryldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi tarapyndan ýurdumyzyň Ýaponiýada geçiriljek "EKSPO — 2025" Bütindünýä sergisine ýokary derejede gatnaşmagyny üpjün etmek boýunça geçirilýän işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Türkmenistanyň Bütindünýä sergilerine gatnaşmagynyň ýurdumyzda gazanylýan üstünlikleri halkara bileleşige giňden görkezmäge we şunuň bilen birlikde, dürli ulgamlarda dünýäniň öňdebaryjy tejribesi bilen tanyşmaga, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli gatnaşyklaryň çägini giňeltmäge mümkinçilik berjekdigini nygtady. "EKSPO — 2025" Bütindünýä sergisine taýýarlyk görmek bilen baglanyşykly meseleleriň üstünde içgin işlemegiň zerurdygyna üns çekilip, bu babatda wise-premýere anyk görkezmeler berildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa "Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň esasy ugurlary we mümkinçilikleri" atly halkara maslahaty geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI LATWIÝA RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTINI GUTLADY

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle-de hut öz adyndan Latwiýa Respublikasynyň Prezidenti Egils Lewitse hem-de ýurduň ähli halkyna Türkmenistan bilen Latwiýa Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

Döwlet Baştutanymyz biziň döwletlerimiziň arasyndaky gatnaşyklaryň birek-birege hormat goýmaga, deňhukuklylyga, özara ynanyşmaga esaslanýandygyny belläp, Türkmenistanyň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň giňeldilmegine gyzyklanma bildirýändigini nygtady we ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň geljekde bilelikdäki tagallalaryň netijesinde mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdi.

Şu ýakymly mümkinçilikden peýdalanyp, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Prezident Egils Lewitse tüýs ýürekden berk jan saglyk, bagtyýarlyk, abadançylyk, Latwiýa Respublikasynyň halkyna bolsa öňegidişlik we gülläp ösüş arzuw etdi.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ WE RUSSIÝA FEDERASIÝASYNYŇ PREZIDENTINIŇ ARASYNDA TELEFON ARKALY SÖHBETDEŞLIK

2023-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi.

Söhbetdeşler mähirli salamlaşyp, iki ýurduň däp bolan dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk, özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna ygrarlydygyny tassykladylar. Bu hyzmatdaşlyk umumy bähbitlere laýyk gelýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň ähli ugurlar boýunça okgunly ösýändigi kanagatlanma bilen bellenildi.

Syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Şunda döwletara gatnaşyklaryň ýokary derejede gazanylan ylalaşyklary durmuşa geçirmek arkaly amala aşyrylýandygy nygtaldy.

Telefon arkaly söhbetdeşligiň dowamynda taraplar Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygy Mihail Mişustiniň 19-20-nji ýanwarda ýurdumyza meýilleşdirilýän saparyna aýratyn ünsi çekdiler. Bu saparyň barşynda ýokary derejedäki gepleşikleri geçirmek, resminamalaryň birnäçesine gol çekmek, iri işewürlik maslahatyny hem-de köp sanly ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirmek meýilleşdirilýär.

Russiýanyň wekiliýetiniň düzümine Hökümetiň wekilleri bilen birlikde Russiýa Federasiýasynyň sebitleriniň ýolbaşçylarynyň hem girjekdigi bellärliklidir. Türkmenistan şol sebitler bilen netijeli söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ýola goýdy.

Telefon arkaly söhbetdeşligiň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Prezident Wladimir Putin iki ýurduň hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de işjeňleşdirmäge çalyşýandygyny ýene-de bir gezek tassyklap, birek-birege, Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň halklaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmek, baý taryhy-medeni mirasymyzy giňden wagyz etmek maksady bilen, şu ýylyň 20-nji martynda "Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň esasy ugurlary we mümkinçilikleri" atly halkara maslahaty geçirmek meýilleşdirilýär. Halkara forumyň barşynda daşary ýurtly myhmanlary "Awaza" milli syýahatçylyk zolagy, ýurdumyzyň özboluşly taryhy-medeni, tebigy ýadygärlikleri, muzeýleri we syýahatçylyk mümkinçilikleri bilen tanyşdyrmak, ýurdumyzda Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni mynasybetli geçiriljek çärelere gatnaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Maslahata gatnaşyjylara täze syýahatçylyk ugurlaryny işläp taýýarlamak boýunça özara pikir alyşmak mümkinçiligi döredilýär, şeýle hem syýahatçylyk kärhanalarynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky resminamalara gol çekmek meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň esasy şertleri bolup durýan hem-de Türkmenistanyň dost-doganlyk, ynsanperwerlik we hoşmeýillilik ýörelgelerine ygrarlydygyny aýdyň görkezýän döwrebap syýahatçylyk ulgamyny ösdürmegiň ähmiýetini belledi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň syýahatçylyk pudagynyň gazanýan üstünliklerine we kuwwatyna bagyşlanan iri çäreleriň geçirilmeginiň ýurdumyzyň dünýä giňişligindäki abraýynyň has-da belende galmagyna hem-de bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy giňeltmäge ýardam etmelidigini nygtap, wise-premýere bu forumy ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek babatda anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde halkara olimpiadalary geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, "Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasynda" kesgitlenen wezipeleri durmuşa geçirmek, bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek maksady bilen, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň 23 — 28-nji apreli aralygynda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde talyplaryň arasynda III Açyk halkara matematika olimpiadasyny ilkinji gezek Aşgabat şäherinde geçirmek göz öňünde tutulýar.

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda 2023-nji ýylyň 12-nji aprelinde makroykdysadyýet, 16-njy maýynda dünýä ykdysadyýeti dersleri boýunça Açyk halkara internet olimpiadasyny sanly ulgam arkaly geçirmek meýilleşdirilýär.

Halkara olimpiadalara ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryndan başga-da, Russiýa Federasiýasynyň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Italiýanyň, Rumyniýanyň, Türkiýäniň, Hindistanyň, Belarusuň, Özbegistanyň, Gazagystanyň we beýleki onlarça döwletiň ýokary okuw mekdeplerinden talyplaryň gatnaşmagyna garaşylýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, amala aşyrylýan ýaşlar syýasatynyň esasy maksadynyň ýaş nesliň ukyp-başarnyklaryny, döredijilik we ruhy mümkinçiliklerini döwletiň we jemgyýetiň bähbitleriniň durmuşa geçirilmegine gönükdirmekden ybaratdygyny aýtdy. Bu babatda ýurdumyzda dünýä ölçeglerine laýyk gelýän ýokary hilli bilim almak üçin has oňaýly şertler döredilýär.

Döwlet Baştutanymyz şeýle aň-paýhas bäsleşikleriniň geçirilmeginiň diňe bir zehinli ýaşlary ýüze çykarmaga däl, eýsem, dürli halklar bilen dostlukly gatnaşyklary hem-de dünýäniň esasy ýokary okuw mekdepleri we ylmy merkezleri bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ýardam edýändigini nygtap, wise-premýere meýilleşdirilen çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Daşary işler ministrliginiň 2023-nji ýyl üçin iş meýilnamasynyň taslamasy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, iş meýilnamasynyň taslamasy «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyndan», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyndan», «Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020 — 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyndan», «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyndan» gelip çykýan wezipeleriň esasynda işlenip düzüldi.

Resminama ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny iş ýüzünde amala aşyrmak, daşary ykdysady gatnaşyklary giňeltmek, durnukly ösüşe hemmetaraplaýyn ýardam bermek, halkara gatnaşyklaryň has ynsanperwer bolmagyna goşant goşmak ýaly esasy wezipeleriň ýerine ýetirilmegine gönükdirilendir. Hususan-da, resminamada Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllygy, hemişelik Bitaraplygynyň 28 ýyllygy, 2023-nji ýylyň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» we «Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli, şeýle hem döwlet Baştutanymyzyň Kararlaryndan ugur alyp, Türkmenistanyň diplomatik gullugy tarapyndan ähli zerur bolan işleriň guralmagy we durmuşa geçirilmegi babatdaky çäreler göz öňünde tutulýar.

Şeýle hem iş meýilnamasynda Türkmenistanyň dünýäniň dürli ýurtlary bilen hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegi babatdaky işler beýan edilýär.

Resminamada halkara ykdysady hyzmatdaşlyga möhüm orun berilýär. Hususan-da, Türkmenistan bilen daşary ýurt döwletleriniň arasynda döredilen ikitaraplaýyn hökümetara toparlaryň işjeňligini ýokarlandyrmak, ýurdumyzyň degişli döwlet edaralary we daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalary bilen bilelikde Türkmenistanyň ykdysady we eksport mümkinçiliklerine, maýa goýum taýdan özüne çekijiligine bolan gyzyklanmany artdyrmak boýunça daşary ýurtlaryň döwlet edaralary, kompaniýalary, banklary bilen gatnaşyklary yzygiderli ösdürmek ýaly çäreleri özünde jemleýär. Şeýle hem iş meýilnamasynda Türkmenistanyň daşary ýurt döwletleri, halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygynyň çäklerinde ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn resminamalaryň taslamalaryny işläp taýýarlamak göz öňünde tutulýar.

Wise-premýer, daşary işler ministri döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan daşary syýasatyny mundan beýläk-de netijeli amala aşyrmak babatda diplomatik gullugyň öňünde goýlan wezipeleri doly ýerine ýetirmek üçin ähli zerur tagallalaryň ediljekdigine ynandyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilik, oňyn bitaraplyk we "Açyk gapylar" ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty durmuşa geçirip, gyzyklanma bildirilýän daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň ählisi bilen netijeli gatnaşyklaryň ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn görnüşde, şol sanda abraýly halkara guramalaryň çäklerinde yzygiderli ösdüriljekdigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere, daşary işler ministrine bu ugurdaky işleri yzygiderli dowam etmegi tabşyryp, ählumumy möçberde parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslaryny pugtalandyrmaga ýardam etmäge gönükdirilen oňyn başlangyçlary ilerletmegiň we durmuşa geçirmegiň, şeýle hem şu ýyl üçin meýilleşdirilen halkara ähmiýetli ähli çärelere ýokary derejede taýýarlyk görmegiň wajypdygyna ünsi çekdi.

Hormatly Prezidentimiz hödürlenen iş meýilnamasyny makullap, ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň işgärleriniň Türkmenistanyň bähbitlerini hemmetaraplaýyn goramak boýunça öňde goýlan wezipeleri üstünlikli berjaý edip, ýurdumyzyň halkara gatnaşyklar ulgamyndaky abraýyny has-da belende galdyrmak işine mynasyp goşant goşjakdyklaryna ynam bildirdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew sanly ulgama geçmekde öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, aragatnaşyk ulgamlaryny giňeltmek we elýeterliligi üpjün etmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň welaýatlarynda we Aşgabat şäherinde sanly telefon beketleri gurnalyp, bir ulgamyň üsti bilen dolandyrylýan telefon, ýokary tizlikli internet we IP telewideniýe ulgamlarynyň hyzmatlaryndan peýdalanmaga mümkinçilik berýän fiksirlenen telefon toruny döwrebap GPON ulgamyna çenli kämilleşdirmek, olaryň göwrümlerini giňeltmek boýunça işler barylýar.

Döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasy hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, aragatnaşyk ulgamyndaky ähli işleri hil taýdan täze derejede utgaşdyrmagyň, bar bolan kuwwatdan netijeli peýdalanmagyň zerurdygyny nygtady.

Hormatly Prezidentimiz degişli Karara gol çekip, ony sanly ulgam arkaly agentligiň ýolbaşçysyna iberdi we resminamada göz öňünde tutulan wezipeleri ýerine ýetirmek boýunça anyk çäreleri görmegi tabşyrdy.

Hasabatyň dowamynda Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň işi, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmak boýunça görülýän çäreler barada aýdyldy. Şunuň bilen baglylykda, port hojalygynyň tehniki üpjünçiligi, döwrebap serişdeleri almak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berildi.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow port düzüminiň pugtalandyrylmagynyň we döwrebaplaşdyrylmagynyň wajypdygyna ünsi çekip, bu ugurda işleriň depginini ýokarlandyrmagyň möhümdigini bellemek bilen, bu babatda birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisiniň jemini jemläp, şugün birnäçe meselelere garalandygyny hem-de milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny mundan beýläk-de okgunly ösdürmäge gönükdirilen resminamalaryň kabul edilendigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň mejlisiniň ahyrynda döwlet Baştutanymyz oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny we berkarar Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň bähbidine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ЧРЕЗВЫЧАЙНОГО И ПОЛНОМОЧНОГО ПОСЛА ГОСУДАРСТВА КАТАР



11 января 2023 года Президент Сердар Бердымухамедов принял вновь назначенного Чрезвычайного и Полномочного Посла Государства Катар в Туркменистане Хамада бин Рашида бин Хамада Аль-Азби, который вручил главе государства верительные грамоты.

Выразив искреннюю признательность за уделённое время, дипломат передал тёплые слова приветствия от Эмира Катара Шейха Тамима бин Хамад Аль Тани, адресовавшего пожелания благополучия и процветания всему туркменскому народу.

Поблагодарив за добрые слова и поздравив полномочного представителя дружественной страны с назначением на ответственный дипломатический пост, Президент Сердар Бердымухамедов передал ответные наилучшие пожелания высшему руководству Государства Катар, подчеркнув заинтересованность нашей страны во всемерном укреплении традиционных двусторонних братских связей, выводе их на ещё более высокий уровень и наполнении новым содержанием. Как отмечалось, надёжную основу для вывода туркмено-катарского партнёрства на качественно новые рубежи заложили договорённости, достигнутые на высшем уровне.

В данном контексте глава государства подчеркнул, что с теплотой вспоминает свой визит в Государство Катар в декабре прошлого года, в ходе которого стал почётным гостем на одном из матчей прошедшего в Дохе чемпионата мира по футболу. Государство Катар первой из стран Ближневосточного региона успешно провела международное спортивное мероприятие такого высокого уровня, что является свидетельством высокой репутации вашего государства в мире и его вклада в развитие спорта, сказал глава Туркменистана.

Президент Сердар Бердымухамедов подчеркнул, что в рамках визита состоялась встреча с Эмиром Катара Шейхом Тамимом бин Хамад Аль Тани, в ходе которой были обсуждены состояние и перспективы межгосударственного сотрудничества. Отмечалось, что осуществляются соответствующие работы по открытию дипломатического Представительства Туркменистана в городе Доха, что послужит дальнейшему развитию двусторонних отношений между Туркменистаном и Государством Катар, придаст новый импульс эффективному и долгосрочному взаимодействию.

Касательно актуальных аспектов международной политики, представляющих взаимный интерес, глава государства и дипломат подчеркнули значимость взаимной поддержки выдвигаемых важных предложений и инициатив, нацеленных на обеспечение мира, безопасности и глобального устойчивого развития.

В числе перспективных областей сотрудничества были названы топливно-энергетический комплекс, торговля, инвестиции, транспорт и связь, химическая и текстильная промышленность, сельское хозяйство, здравоохранение и сфера высоких технологий.

В продолжение беседы была подчёркнута важность традиционных гуманитарно-культурных контактов, являющихся неотъемлемой составляющей межгосударственного диалога.

В завершение Хамад бин Рашид бин Хамад Аль-Азби заверил, что в качестве полномочного представителя своей страны в Туркменистане будет активно способствовать дальнейшему наращиванию многопланового и эффективного конструктивного диалога, и добрых отношений, всецело отвечающих интересам двух государств и их дружественных народов.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ЧРЕЗВЫЧАЙНОГО И ПОЛНОМОЧНОГО ПОСЛА ИТАЛЬЯНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ



11 января Президент Сердар Бердымухамедов принял вновь назначенного Чрезвычайного и Полномочного Посла Итальянской Республики в Туркменистане Луиджи Феррари.

Выразив признательность за уделённое для встречи время, дипломат вручил главе государства верительные грамоты и передал тёплые слова приветствия от Президента своей страны Серджио Маттареллы, адресовавшего пожелания счастья и благополучия всему туркменскому народу.

Поздравив полномочного представителя дружественной страны с назначением на этот ответственный дипломатический пост и пожелав ему успехов в работе, Президент Сердар Бердымухамедов передал ответные наилучшие пожелания высшему руководству Итальянской Республики, подчеркнув заинтересованность Туркменистана во всемерном укреплении традиционных уз дружбы и плодотворного межгосударственного сотрудничества, выстраиваемого с позиций равноправия, взаимоуважения и обоюдной выгоды.

Как констатировалось, сегодня туркмено-итальянские отношения успешно развиваются как на двусторонней, так и многосторонней основе, прежде всего в рамках авторитетных международных организаций и структур, о чём свидетельствует взаимная поддержка международных инициатив и предложений, нацеленных на обеспечение устойчивого развития и глобальной безопасности.

В ходе состоявшегося в рамках встречи заинтересованного обмена мнениями отмечалось, что Италия уже на протяжении многих лет выступает важным торговым партнёром Туркменистана на Европейском пространстве. В расширение этих отношений, отличающихся своей эффективностью и продуктивностью, важный вклад вносит частный сектор.

В качестве наглядного примера была названа многолетняя деятельность итальянских компаний в Туркменистане, их активное участие в реализации масштабных программ социально-экономического развития нашей страны.

Вместе с тем Президент Сердар Бердымухамедов подчеркнул, что обоюдные возможности могут быть использованы гораздо шире. Прежде всего, с учётом диверсификации экономики Туркменистана, широкого внедрения высокотехнологичных производств, осуществления крупных национальных и международных проектов в топливно-энергетической, транспортной, сельскохозяйственной и текстильной сферах.

Была также отмечена важность укрепления культурно-гуманитарных связей между туркменским и итальянским народами, обладающими богатым историческим и культурным наследием.

Ещё раз поздравив Луиджи Феррари с началом работы в Туркменистане, Президент Сердар Бердымухамедов пожелал ему крепкого здоровья, благополучия и больших успехов в ответственной деятельности, нацеленной на всестороннее расширение межгосударственного диалога, выстраиваемого на равноправной, долгосрочной основе.

Поблагодарив за добрые пожелания, посол Итальянской Республики заверил главу Туркменского государства, что со своей стороны будет содействовать дальнейшему интенсивному развитию туркмено-итальянских отношений и продолжит курс на всестороннее расширение традиционного партнёрства, отвечающего интересам двух стран и их дружественных народов.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ЧРЕЗВЫЧАЙНОГО И ПОЛНОМОЧНОГО ПОСЛА КЫРГЫЗСКОЙ РЕСПУБЛИКИ



11 января 2023 года Президент Сердар Бердымухамедов принял вновь назначенного Чрезвычайного и Полномочного Посла Кыргызской Республики в Туркменистане Азизбека Мадмарова, который вручил главе государства верительные грамоты.

Выразив признательность за уделённое для встречи время и возможность в личной беседе обсудить актуальные вопросы двустороннего сотрудничества, дипломат передал главе государства тёплые слова приветствия от Президента Кыргызской Республики Садыра Жапарова, адресовавшего пожелания благополучия и процветания всему туркменскому народу.

Передав ответные тёплые приветствия главе Кыргызской Республики, Президент Сердар Бердымухамедов поздравил посла с назначением на ответственный дипломатический пост и пожелал ему успехов в работе на ниве дальнейшего укрепления конструктивного туркмено-кыргызского диалога.

В продолжение встречи глава государства и кыргызский дипломат обменялись мнениями о перспективах двустороннего сотрудничества с учётом его многопланового потенциала. Как отмечалось, плодотворное сотрудничество, направленное на благо двух дружественных народов, активно набирает обороты в торгово-экономической сфере, в области транспорта, транспортной инфраструктуры, энергетики, сельского хозяйства, реализации инвестиционных проектов, а также в сферах науки и образования, культуры, спорта и туризма. Регулярные контакты на уровне МИД двух государств способствуют наращиванию потенциала политико-дипломатического взаимодействия.

В реализации имеющихся возможностей для наращивания взаимовыгодных торгово-экономических связей на долгосрочной основе значимая роль отводится совместной Межправительственной комиссии по торгово-экономическому, научно-техническому и гуманитарному сотрудничеству, призванной способствовать активизации продуктивных контактов в различных отраслях, в том числе по линии деловых структур. Наряду с этим подчёркивалось значение дальнейшего углубления взаимодействия в гуманитарно-культурной области.

Подчеркнув, что расширение многопланового диалога со странами-соседями, в том числе с Кыргызстаном, является одним из приоритетов внешнеполитического курса нейтрального Туркменистана, Президент Сердар Бердымухамедов выразил уверенность в дальнейшем поступательном развитии двусторонних отношений, основанных на общности истории, культурных и духовных ценностей братских народов.

Выразив искреннюю признательность за состоявшийся продуктивный обмен мнениями по широкому спектру вопросов, представляющих взаимный интерес, Чрезвычайный и Полномочный Посол Кыргызской Республики в Туркменистане Азизбек Мадмаров заверил Президента Сердара Бердымухамедова в том, что со своей стороны приложит все усилия для дальнейшего упрочения межгосударственного сотрудничества, отвечающего интересам как обеих стран и народов, так и устойчивого развития региона в целом.

Интернет газета
Международные новости

## THE FOREIGN MINISTER OF TURKMENISTAN CALLED ON THE YOUTH TO ACTIVELY PROMOTE ALL FORMS OF DIPLOMACY



On January 9, 2023, with the participation of the heads of diplomatic missions accredited in Turkmenistan, employees of the diplomatic service of Turkmenistan, representatives of the Central Council of the Magtymguly Youth Organization of Turkmenistan, the academic staff and students of the institute, was organized an event dedicated to the motto of 2023 "Happy Youth with Arkadag Serdar", which determined the topic of the meeting, as well as the key trend in the development of Turkmenistan - relying on the young, faith in their abilities and creative forces.

The delivered speeches at the conference reflected the leading role of youth in determining the future of our state, protecting their rights and freedoms, educating the younger generation in the spirit of patriotism and humanism. The tasks of increasing the role of youth in the social, economic, political and cultural life of the country and creating all the necessary opportunities for them to contribute to the development of the country were also noted.

The Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov stressed in his speech that the time has come to develop a strategy for international cooperation of the Turkmen youth. According to the head of the Foreign Ministry, this strategy must necessarily include such areas as education, science, culture and sports.

Taking into account the innovative development of Turkmenistan, the development of scientific and technical initiatives of young people, their stimulation, the interaction with foreign peers via specialized centers, institutes and laboratories of other countries, seems to be an extremely important task.

One of the forms of such activity, exchange of knowledge and ideas can be joint research projects in various fields. The expediency of the participation and influence of young parliamentarians in decision-making processes on key issues of parliamentary diplomacy and international politics was also noted.

In this regard, the important step in this direction is the creation of friendship groups of young Turkmen parliamentarians together with their foreign colleagues, which, in turn, should enrich the parliamentary and diplomatic tradition, bringing new ideas and initiatives to it.

Undoubtedly, young people play a leading role in promoting sports diplomacy.

Turkmenistan, having modern high-quality sports infrastructure facilities, promotes sports diplomacy as one of the priority areas of its foreign policy activities.

In this context, it was proposed to consider the possibility of holding international youth games in Turkmenistan.

The Foreign Minister also pointed to the expediency of involving young diplomats in the implementation of the country's foreign policy, in the visits of state and government delegations of Turkmenistan to foreign countries and the negotiations held within their framework.

## ОБСУЖДЕНЫ ПРИОРИТЕТНЫЕ НАПРАВЛЕНИЯ СОТРУДНИЧЕСТВА МЕЖДУ ТУРКМЕНИСТАНОМ И ПРОГРАММОЙ ООН ПО ОКРУЖАЮЩЕЙ СРЕДЕ

16 января 2023 года, в режиме видеоконференции состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Исполнительным директором Программы ООН по окружающей среде (UNEP) Ингер Андерсен. Об этом сообщает МИД Туркменистана.

В ходе встречи стороны обсудили основные направления и перспективы взаимодействия в сфере охраны окружающей среды, изменения климата, экологии и рационального использования природных ресурсов.

Была отмечена плодотворность многолетнего взаимодействия Туркменистана с Программой ООН по окружающей среде по вышеобозначенным направлениям, а также целесообразность реализации совместных проектов в области достижения Целей устойчивого развития.

Информируя руководителя ЮНЕП о проводимой работе Туркменистана в области изменения климата, было подчеркнуто, что решение глобальных экологических проблем предполагает необходимость объединения усилий на глобальном, региональном и национальном уровнях, в том числе и многостороннего взаимодействия и координации действий каждого из государств с ООН. В данном контексте озвучена инициатива Туркменистана по созданию Регионального Центра по климатическим технологиям для стран Центральной Азии со штаб-квартирой в Ашхабаде, главенствующей целью которого должно стать внедрение и применение климатических технологий в странах Центральноазиатского региона и способствование технологическому продвижению региона в области изменения климата.

Состоялся обмен мнениями по работе Секретариата Тегеранской Конвенции, в связи с чем было предложено рассмотреть проекты, связанные с адаптацией к изменению климата в Каспийском море, а также разработкой концепции морского пространственного планирования туркменской части Каспия.



По линии взаимодействия в сфере окружающей среды было уделено внимание инициативе создания Новой Каспийской Экологической программы ООН, как комплекса природоохранных мер по обеспечению рационального использования природных ресурсов Каспия, выдвинутой Президентом Туркменистана на Каспийском Экономическом форуме в Авазе, г.Туркменбаши в августе 2019 года.

## ASHGABAT HOSTED TURKMEN-FRENCH POLITICAL CONSULTATIONS

On January 16-17, 2023, the round of political consultations between the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and the Ministry of Europe and Foreign Affairs of the French Republic was held in the Foreign Ministry of Turkmenistan.

The delegation of Turkmenistan was headed by Deputy Minister of Foreign Affairs Vepa Hajiyev, and the French side was headed by Deputy Director of the Department of Continental Europe of the French Foreign Ministry Sylvain Guiaugue.

Within the framework of the held meetings, a wide range of issues of bilateral cooperation in the political, trade, economic, cultural and humanitarian spheres was discussed.

The parties noted the importance of intensifying contacts at the highest and high levels in strengthening the political dialogue between the countries.

Special attention was paid to the further development of inter-parliamentary relations.

The high level of cooperation within the framework of international and regional organizations was stated, interaction through the United Nations was considered. A separate topic of the meeting was the interaction within the European Union, as well as the implementation of the points of the «EU Strategy for Central Asia». At the same time, mutual interest was expressed to continue the dialogue in the humanitarian dimension this year.

The diplomats exchanged views on the international agenda and touched upon some aspects of international energy and environmental security.

The parties agreed to maintain the practice of regular meetings on foreign policy, as well as to give impetus to the expansion of the legal framework.

In the context of discussing new ways of developing trade and economic relations, the expediency was expressed to intensify the activities of the Intergovernmental Turkmen-French Commission on economic cooperation and the Working Group on Energy. A detailed exchange of views also took place on increasing the volume of trade and promising joint business projects. Communication sphere was designated as one of the important areas of trade and economic cooperation.



During the negotiations, the diplomats expressed a number of proposals for the further intensification of cultural and humanitarian cooperation, paying special attention to archeology and museum work. The positive dynamics of holding cultural events in our country was noted. In addition, the special role of the "French Institute" in the study of the French language in our country was emphasized, which has been successfully functioning in Ashgabat.

The visit of the French delegation has been continuing, during which a number of meetings are planned in the ministries and state agencies of Turkmenistan.